# «Garyplary-da halas ederlermikä?’

Category: Kitapcy,Publisistika,Sözler
написано kitapcy | 23 января, 2025
"Garyplary-da halas ederlermikä?' «GARYPLARY-DA HALAS EDERLERMIKÄ?»

Käte topbak-topbak gazet okaýarsyñ, ýalan-ýaşryk zatlardan doly. Okasyñ gelenok.
Sebäbi, olaryñ birinde-de bir gram duz-tagam, et ýok.
Ýöne käte bir sorag berersiñ. Hemme zat et-kemige bürenýär.
Ümmigül hakdaky habar, ine, şeýle habarlaryñ biridi.
Heniz ýedi ýaşyndady. Ol şeýle bir sorag beripdi weli, ýakamyzdan ebşitläp tutup, enter-pelegimizi çöwrüpdi.
2006-njy ýyldy. Okuwçylara ýer titreme howpy barada düşünje bermek üçin raýat goranyş ugrundan sapak geçilýärdi, bular sapaklar üçin Balykesiriñ Burhaniýe raýonynda respublikan başlangyç mekdebine gelipdiler.
2006 yılıydı.
Raýat goranyşyñ hünärmenleri düşündirýär, okuwçylar öz gezeginde bu zatlardan habarly bolýardy.
Iş karýeramyñ iñ ýatdan çykmajak pursatlarynyñ biri hut şol wagt bolup geçdi.
Birinji synp okuwçysy edeplilik bilen elini galdyrdy. Onuñ soragy şu boldy
“Ýer titrese, garyplary-da halas ederlermikä?”
Zal imi-salalyga bürendi.
Göýä binanyñ üçegi çöken ýalydy, iñ ezber raýat goranyş hünärmenleriniñem duýgularyndan ýüzin salyp at geçen ýaly bolupdy, jogap berenokdylar.
Çünki, soragdaky ajy hakykat diýseñ agyrdy.
«Adam başyna düşýän girdejiniñ deñsizligi, sosial adalatsyzlyk, haksyzlyk» düşünjesi ýedi ýaşlyja çagajyklarymyzyñam gülden näzik ýüreklerine agram berip durdy.
Gynansak-da, korona meselesinde-de şeýle.

Synpy häsiýetli wirus.
Edil ýer titrände bolşy ýaly, hemmeler bir wagtyñ özünde bela uçraýar, emma, garyp-gasarlary has köp öldürýär.
Meselem, işçiler…
Bir tarapdan-a “durmuş öýe sygýar, öýden çykmañ” diýilýär, bir tarapdanam işçiler işlemäge mejbur edilýär. Netije? Sindikatlaryñ geçiren barlaglaryna görä, işçileriñ pozitiw waka sany ýurt boýunça alanda dört esse köp.
Ýerlerde işläp ýören maşgala lukmanlary edara-binalaryñ garawuly, kurýer, garson, tam süpüriji ýaly pes aýlykly işlerde işleýän ildeşlerimizde munuñ hasam köpdügini aýdýarlar.
Teleýaýlymlarda gürlemänu halaýan professorlarymyza tomaşa edýäris: diýseñ gowy maslahatlary berýärler, «saglygyñyza gowy serediñ, organizmiñizi güýçli saklajak boluñ. Koenzimi (koferment), alfa lipoik kislotasyny, sinki baýlaşdyryñ «D» witaminini ahmal etmäñ» diýen bolýarlar.
Aýdýan peýdaly maslahatlaryñyzy etmäge puly nireden tapmaly, byradar?
Ujyz maslahat ýaly «izolýasiýa üns beriñ» diýýärler, ýetde-gütde ýaşaýan ildeşlerimiziñ 3-4 maşgala bolup bir öýde ýaşaýanyny bilmeýän ýaly hamala.
Hyryn-dykyn dolup gatnaýan metrobuslaryñ bir ýylda daşaýan ýolagçysy Hytaýyñ ilatyndan ep-esli köp. Siz haýsy izolýasiýadan söz açýarsyñyz, gadyrdanlar?
Lukmançylyk barlaglarynda-da adam saýlap barlanýandygy ýalanmy?
Arkañ güýçli bolsa, lukmanlar toparyny öýüñe çagyrybam barlagdan geçip bilýärsiñ.
Garyp bolsañ, hassahananyñ agzynda sagatlap nobata durmaga mejbursyñ.
Pozitiwmiñ, negatiwmiñ – ykbalyñ soñky netijesini bilmek üçin birnäçe günläp garaşmaga mejbursyñ.
Herkes uly umyt bilen koronawirus waksinasynyñ gelerine garaşýar, ýöne, puluñ bolmasa, saglyk ätiýaçlandyrmañ bolmasa, iñ bärkisi dümewiñ sanjymyny etdirip bilýäñizmi özi?
Inen hut şonuñ üçinem…

Resmi taýdan mälim edilen statistiki görkezijiler 12 müñ adam diýip berýän bolsa, alternatiw maglumatlar 30 müñden gowrak ildeşimiz aradan çykan bolsa, ýogalandygy mälim edilen adamlaryñ sany 100-den geçenok!
Hakydañyza ser salyp görüñ, haýyş.
Koronawirusdan ölendigi üçin ady-familiýasy habarlarda tutulan, koronawirusdan ölendigi barada gazetlere habary berilen, teleýaýlymlarda gören näçe kişiñiz bar?
Ýüzden geçmez. Bar, aýdaly, iki ýüz bolsun. Galany nirede?
Galany – garyp-gasarlar.
Metbugata sesini ýetirip bilmeýän, boljak iş bolýança hassahana hyzmatyndan peýdalanyp bilmeýän, öýüne gönderilen, çäresizligi bilen başa-baş goýlan, sessiz-sedasyz gara ýere duwlanan garyp bendeler.
«Pakyr-pukara, garyp-gasar» edebiýatyny perde edinip häkimiýet kürsüsinde oturanlar, ine, şonuñ üçin, aslynda näçe kişiniñ ölendigini, kimleriñ ölenini, haýsy şäherlerde ölenini gizleýär… Adamlary adam hökmünde däl-de, ýönekeý sandan ybarat ýaly görülmegine sebäp bolýar.
Çünki, ölen pahyrlaryñ ady-familiýasy biruçdan mälim edilse, haýsy şäherlerde işländiklerini we nirde ýaşandyklaryny bilsek, diñe koronawirusyñ getiren netijesini däl, eýsem, şol bir wagtyñ özünde adam başyna düşýän girdejidäki deñsizligi, sosial adalatsyzlygy hem görjegimizi bilýärler.
Logosynda “adalat” we “galkynma” sözleri bolan partiýanyñ, aslynda, göz-görtele kimleriñ ölümine göz ýumandygyny görersiñiz.
Hut şonuñ üçinem…
Her gün agşam ýönekeý san görkezijilerden ybarat maglumatlara gözüm düşende, Ümmigüliñ soragy añymda ýañlanýar:
“Garyplary-da halas ederlermikä?”

Ýylmaz ÖZDIL.

«SÖZCÜ» gazeti, 18.11.2020 ý. Publisistika